# Razwedka habarnamasy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Razwedka habarnamasy RAZWEDKA HABARNAMASY

Stratfor…
Bu geosyýasy gurama (ABŞ-nyň «Barron’s» žurnalynyň atlandyryşy ýaly “Kölege CIA” («MRU-nyň kölegesi») hökmünde tanalýar. Wikileaks hem 2012-nji ýylyň fewral aýynda Stratforyň bäş milliondan gowrak elektron-poçta hatyny paýlaşyp, çaklamany güýçlendirdi…
1996-njy ýylda gurlan şereket ýekebara we ýuridiki tarap bolup durýan müşderileri («Goldman Sach», «Coca Cola», «Bank of Amerika» ýaly) üçin (esasanam howpsuzlyk we howp analizi hakda) «razwedka habarnamalaryny» ýazýar.
Düýbüni tutujy – halkara gatnaşyklar strategiýasy boýunça hünärmen Jorj Friedman (Frankfurt mekdebiniň syýasat pelsepesi ugrundan tezis ýazan)!
Stratfor üçin we şeýle-de ýazan başga-da käbir kitaplaryny aýaly Meredith Friedman bilen ýazdy. («Uruşyň gelejegi» kitaby dilimize terjime edildi.)
Şuňa gelmek isleýärin:
Stratfor global takyklamasynyň dördünji çärýegi boýunça habarnamasyny 2021-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda çap etdi.
Otuz sahypalyk habarnamany täze okadym. Eýse, «MRU-nyň kölegesi» dünýäniň ykdysady-syýasy ýagdaýyny nädip okadyka? Gysgaça dykgatyňyza ýetireýin…
Ýurdumyz hakyndaky syýasy seljermesinden başlaýyn: (Stratfor Türkiýede “TR 705”, “TR 325”, “TR 326” ýaly kod beren atlaryna ummasyz pullary töleýär. Baý-baýow, razwedka habarlary ruh çagyryp toplanýandyr öýtdüňizmi dagy!)
Türkiýede ýokarlanan syýasy tolkuny «ýerliçilik» (natiwizm) hasaplaýar. Siz muňa nasionalistlik-milliçilik» diýip bilersiňiz.
Stratfor ýerliçiligiň türk syýasatyny eýeländigini aýdýar. Syýasy partiýalaryň 2023-nji ýylyň saýlawlaryndan öň goldaw

tapmak üçin ýerliçiligiň şemalyndan peýdalanmaga jan etjekdiklerini ýazýar. AKP-niň şu sebäp bilen bosgunlar babatda öňüni alyş çärelerini geçirjegini nygtaýar.
Türk ykdysadyýeti hakda dil ýarmadyk Stratfor türk daşary syýasatynda AKP-niň seresaply hereket etjegini, Müsür bilej ikitaraplaýyn gepleşikleri ýola goýup, Siriýadyr Liwiýada harby çaknyşyklardan gaça durjagyny çaklaýar…
A dünýä?

## • COVID BILEN ÝAŞA

Stratfor pandemiýanyň global ykdysadyýetdäki döreden nämälimliginiň doly ýok bolup gitmejekdigini, gaýtam «COVID bilen ýaşa!» strategiýasynyň ýörediljekdigini aýdýar. Muňa garamazdan (meselem) Ýewropadaky berk pandemiýa düzgünleriniň turizmden gelýäj girdejileri peseltmäge dowam etjekdigini ýazýar.
Habarnamada esasan Hytaýyň üstünde durlup geçilýär!
ABŞ-nyň Aziýa bolan ünsüni güýçlendirjekdigi, Hytaý bilen söwda ylalaşygynyň möhletiniň 2022-nji ýylda dolýandygy we Waşingtonyň berk pozisiýasyny ýöretjekdigi, yklymara üýtgeşmeler ýaly ählu meselelerde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäklendiriljekdigi nygtalýar.
Stdatfor Hytaýy nyşana alyp, maýa goýumçylary gaçyrmak üçin gatnaw (прокьюремент, поставка – tedarik) zynjyry bilen birlikde «Dat, howpa girmäň» diýýär!
Gonkongda 19-njy dekabrdaky Pekin bilen demokrat aktiwistleriň garşyma-garşy geljegini, munuň syýasy we ykdysady howpy artdyrjagyny çaklaýar!
Dartgynly wakalaryň boljak ýeri hökmünde Ýewraziýany görkezýär:
ABŞ-Russiýa arasyndaky ýaramazlaşmanyň dowam etjekdigini, Ukrainadan Belarussiýa çenli sebitde gegemonlyk etmek boýunça dargynlylygyň bolup geçjekdigini aýdýar.
Russiýanyň Belorussiýadaky harby bazalaryny köpeltjekdigini, ABŞ-nyň Ukraina bilen «strategiki ýaranlygy» güýçlendirjekdigi ýaňzydylýar.

Russiýanyñ Google, Apple we Facebook ýaly amerikan tehnologik läheñlerine garşy gysyşynyñ dowam etjekdigini aýdýar.
Şeýle-de: Eýranda häkimiýetiñ üýtgändigine garamazdan ABŞ-nyñ bu ýurda bolan pikiriniñ onçakly üýtgemejekdigini ýazýar.
Aslynda Stratfor kän bir bilinmeýän zatlary aýdanok…

- **SÜNNI DÖWLETLER**

Stratforyñ habarnamasynda agzalan her bir ýurdy ýazyp durjak däl, men onuñ Türkiýäni ýakyndan gyzyklandyrýan ýerleriniñ üstünde gysgaça durup geçeýin. Mysal üçin:
Ýakyn Gündogardyr Demirgazyk Afrikadaky sünni döwletleriñ ideologik çaprazlyklary bir gapdala goýup, ykdysady ösüşe ünslerini bermek üçin özara ylalaşyga geljekdiklerini çaklaýar.
Demirgazyk Afrikadaky basdaşlar Marokko bilen Alžiriñ arasynda diplomatik çatlyşmalaryñ dowam edýändigine garamazdan, olaryñ özara ylalaşyga gelmeginiñ kyn boljakdygyny, Ysraýylyñ Hamasa garşy berk strategiýasynyñ dowam etjekdigini aýdýar.
Owganystanda Talibanyñ azyk we saglyk krizisleriniñ hötdesinden gelmek üçin adam gumanitar kömege mätäçdigini, şonuñ üçinem olaryñ açyk syýasat ýöretjekdigini çaklaýar. Emma «Tehrik-i-Taliban»-yñ (Päkistanyñ Talibany) Kabul bilen Yslamabadyñ arasynda oñşuksyzlygyñ sebäpkäri bolup biljekdigini-de aýdýar.
Günorta Amerikadaky syýasy we ykdysady krizisleriñ Argentinada, Braziliýada, Çilide howsala döredýändigini aýratyn nygtaýar.
14-nji noýabrdaky saýlawdan soñ Argentinanyñ IMF bilen ýene tegelek stoluñ başynda duşuşaýmagynyñ mümkindigininiñ habaryny berýär. (Zambiýadan mysal alýar: «IMF geleşikleri bilen 2021-nji ýylyñ ahyrynda ýa-da 2022-nji ýylyñ başynda binýatlaýyn utgaşdyrma maksatnamasy bilen daşarky bergisini täzeden gurmaga girişer.»)
Çilide şu aý geçiriljek saýlawy saglyk, bilim we agyz suw hak-hukuklaryny dillenen çepçi Gabriel Boriçiñ üstün çykjakdygyny çaklaýar.

Stratforyñ nyşanasynda Wenesuela bar. 21-nji noýabrda geçiriljek ýerli saýlawlaryñ maksadalaýyk geçirilmedik ýagdaýynda Meksika bilen gepleşikleriñ arasynyñ üzüljekdigini nygtaýar!
Stratfor habarnamasynyñ näçe göterimi dogry?
Şuny unutmañ: her bir uruş aldawaçlaryñ üstünde gurulýandyr…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 12.11.2021 ý. Publisistika